**Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem welaýatyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Akdepe etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2025-nji ýylyň 9-njy maýynda Akdepe etrabynyň Ýedigen köçesiniň 1-nji jaýynda ýerleşýän Akdepe etrabynyň Sport desgasynda 09:00-dan 13:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

**Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy**:
Akdepe etrabynyň Ýedigen köçesiniň 1-nji jaýy.

**Habarlaşmak üçin:**
(800344) 2-13-28.